# Syrly mikrobiologiýa jenaýatlary

Category: Geň-taňsy wakalar,Kitapcy,Medisina
написано kitapcy | 23 января, 2025
Syrly mikrobiologiýa jenaýatlary SYRLY MIKROBIOLOGIÝA JENAÝATLARY




2020-nji ýylyň 2-nji maý güni.
ABŞ-nyň Pensilwaniýa ştatynyň Pittsburgh şäheri.
Polisiýanyň rasiýalarynda McKnight Roadyň bir çetinde Elm Ct-däki «The Mews of Town North»-da atylyp öldürilen iki sany erkek adamyň jesediniň tapylandygy barada howsalaly habar ýaňlandy…
Olaryň biri öýünde otyrka kellesine, boýnuna we kükregine degen okdan ölüpdi.
Beýlekisi şol öýe bir kilometr daşlykda duran awtoulagda kellesinden atylyp öldürilipdi.
Öýünde jesedi tapylan kişiniň otuz ýedi ýaşly hytaýly bolup çykmagy metbugatyň ünsüni özüne çekdi. 11-nji sentýabr teraktyndan soň ABŞ-da musulmanlara garşy gönükdirilen jenaýatlar artypdy, bu-da şolardan birimidi? Hawa, hawa… Tramp her gün diýen ýaly koronawirus sebäpli Hytaýy günäkärlemärmi näme?!. Şondan soň käbir ýerlerde “gyýyk gözlülere” kast edilip başlandy…
Ölenleriň biri kömekçi dosent bolup işleýän Bing Liu diýen bir hytaýlydy…
Işleýän ýeriniň nirededigi belli bolansoň-a işler hasam bulaşdy: Ol Pittsburg uniwersitetiniň medisina fakultetiniň kompýuter tehnologiýasy we ulgamlaýyn biologiýa bölüminde mikrobiolog bolup işleýärdi!
Hasam beteri: onuň işleýän ugry “SARS-CoV-2”, ýagny koronawirus! Ol infeksion komplikasiýalaryň öýjükleýin düýp gurluşyna degişli möhüm açyşlary etmegiň öňüsyrasynda durdy…

• **TÜRK PROFESSORY**




Professor Iwet Bahar…
1957-nji ýylda Stambulda dünýä indi. Bosfor uniwersitetini tamamlandan soñ, şol uniwersitetiñ bakalawr derejesini gorady. Fizika-himiýa ulgamynda doktorlyk dissertasiýasyny gorandan soñ, polimer fizikasyna gyzyklandy. 1986-njy ýylda Stambulyñ Tehniki uniwersitetinde assistent bolup işe başlady. Bosfor uniwersitetinde professor derejesine ýetdi. UNESCO-nyñ ýörite kursuny tamamlap, ABŞ-na gidip, ylmy-barlag işlerini şol ýerde dowam etdirdi. Molekulýar biologiýada täze sepgitleri gazanyp, ABŞ-nyñ iñ öñdebaryjy alymlarynyñ hataryna girdi…
2004-nji ýylda Pittsburg uniwersitetiniñ medisina fakultetiniñ kompýuter tehnologiýasy we ulgamlaýyn biologiýa bölüminiñ esaslandyryjy başlygy boldy.
ABŞ-nyñ Ylymlar akademiýasynyñ ilkinji türk zenan professory Iwet Bahar 2016-njy ýylda Prezident Obamanyñ ýörite çakylygy bilen Ak Tamda çykyş etdi.
Professor Baharyñ soñky alyp barýan ylmy işi koronawirus boýunçady we onuñ assistentleriniñ biri-de öldürülen Bing Liudy! (Professor Baharyñ toparynyñ aglabasy hytaýly ýaş alymlar…)

• **HYTAÝLYLAR YNANANOK**

Awtoulagynda öli ýagdaýda üstünden barylan beýleki bir hytaýly bolsa Hao Gu atly biridi.
Ol ýigrimi ýyl bäri Amerikada ýaşaýardy.
Ýokarda ady agzalan uniwersitetde ýazuw inženeri bolup işleýärdi. Entek öýlenmändi.
Polisiýanyñ aýtmagyna görä, iki erkek gepleşip dur eken. Hao Gu, öýe kildi urulmadyk gapydan girip Bing Liuny oka tutupdyr we yzyndanam awtoulagyna münüp öz janyna kast edipdir.

Hiç hili şaýat ýok.
Pidanyň aýaly Liu şübheli jenaýat bolup geçen wagty öýde ýok eken.
Iki kişiniň ölümüne sebäp bolan ýaragyň nireden alynandygy belli bolman galdy.
Olaryň ikisem birnäçe ýyl bäri Amerikada ýaşaýandygyna garamazdan, bu ýurduň raýaty däldi…
Polisiýa jenaýatyň COVİD-19 boýunça alyp barýan ylmy-gözleg işlerine dahylly däldigini mälim etdi. Hukuk goraýjy edaranyň işgärleri munuň şahsy meselä degişli hasaplaýardylar.
COVİD-19 boýunça ylmy-barlag işlerini alyp barýan we “iňňän möhüm açyşlaryň bosagasynda” durandygy aýdylan Pittsburg uniwersitetiniň doktory Bing Liunyň ölümi bilen baglanyşykly derňew işinde hiç hili üýtgeşme ýok…




Emma sferalaýyn komplimasiýa teoriýalary howada ikiýana uçuşmaga başlady. Mysal üçin, hytaýlylaryň sosial paýlaşym platformasy «Weibo» bu barada: «Eý Taňrym! Belki-de, Liu wirusyň amerikan laboratoriýasyndan çykandygyny anyklady!” diýip ýazdy.
Meniň ýadyma bolsa başga bir jenaýat düşdi:

- **MEŇZEŞ JENAÝAT**

2002-nji ýylyň 1-nji marty.
ABŞ-nyň Kaliforniýa ştaty.
Mountain Wiew.
«Domino’s Pizza»-nyň paýlaýjy işgäri sagat 20:45-de «Windmill Park Lane» salgysyndaky iki gatly öýüň gapysyny kakdy.
Gapyny öýüň eýesi kyrk alty ýaşly asly rus dul aýal, mikrobiolog Tanýa Holzmaýer açdy. Ol özüniň pizza buýurmandygyny aýtdy. Pizza paýlaýjy salgyny görkezdi.…
Edil şol wagtam bir hytaýly elindäki sapança bilen Tanýa

Holzmaýere, onuñ ogly Alekse pizza paýlaýjynyñ gözüniñ öñünde ok ýagdyryp gaçdy…
Ertesi gün… Foster Siti köçesiniñ gyrasynda oka tabşyrylan hytaýlynyñ jesedi tapyldy. Jesediñ ýanynda 38 kalibrlik sapança ýatyrdy.
Ol mikrobiolog Tanýa Holzmaýeri öldüren otuz sekiz ýaşly molekulýar biolog doktor Guýang Huangyñ jesedidi!
Huang aýalyna jañ edip: "Öñki başlygymy öldürdim, şindem özümi öldürmekçi" diýipdir!
Aýdyşlaryna görä Huang işden kowandygy üçin Holzmaýeri pizza bahanasy bilen gapa çykarypdyr.
SSSR-iñ çagşamaga başlan 1989-njy ýylynda ABŞ-na göçüp gelip, Silikon jülgesinde genetiki barlaglary geçiren Holzmaýer, ABŞ-nyñ genetika ugrundan iñ saýlama hünärmenleriniñ biridi. Ol hususanam AIDS boýunça birentek möhüm işleri amala aşyrdy. Şeýle-de global «PDD» (Pharmaceutical Product Development) derman barlaglary şereketiniñ genomiki barlaglar boýunça başlygynyñ orunbasarydy.
Huang bolsa molekulýar biologiýa bölüminiñ direktory bolup işleýärdi. Onuñ näme üçin wezipesinden pyzylandygy belli bolman galdy. «PPD» şereketiniñ adminstrasiýasy işgärlerine metbugat serişdeleriniñ sowallaryna jogap bermezligi berk tabşyrdy.
Işleýän ugry boýunça üstünlikli netijeleri gazanan bu iki alymyñ pajygaly ölümi nä derejede aýdyñlyga gowuşdy, belli däl. Derñew işi togtadyldy…
Mikrobiologiýa jenaýatlary diñe şu iki hadysa bilen gutaraýanok…
Öldürülen mikrobiolog Bing Liu professor Iwet Baharyñ toparyndandy. Onuñ iş alyp barýan ugry bolsa COVİD-19-dy…
Mikrobiologiýa – wiruslar, bakteriýalar, mikroplar ýaly mikro ölçegli organizmleri öwrenýän ylmyñ pudagydyr… Laboratoriýada bu işi alyp barýanlara mikrobiolog diýilýär… Koronawirusa ilteşikli – iñ soñkusy iki hepde öñ bolup geçen ganly jenaýat soñky ýyllarda amala aşyrylan mikrobiologiýa jenaýatlaryny gaýtadan üns merkezine saldy. Biologiki ýarag önümçiliginde işleýän mikrobiologlaryñam öldürilmegi tötänlikmi? Ýogsa-da,

käbir ýurtlaryň arasynda üsti ýapyk söweş gidýärmi?

## • ÖZ JANYNA KAST ETMEMI ÝA JENAÝAT?

Mikrobiologiýa ylmy biologiki ýaraglary öndürmek üçinem köp üns üns berilýän ugurlaryň biridir.
Dewid Kristofer Kelli (1944 – 2003)…
Kelli mikrobiologiýanyň we biologiki uruşyň ýaka tanadan hünärmenlerindendi.
Ol Bilim parky-Porton Down Gorag mikrobiologiýasy bölüminiň başlygydy. Gizlin birnäçe maksatnamanyň taýýarlyk işlerine gatnaşdy. Geçen asyryň 90-njy ýyllarynyň başynda Russiýanyň raýat biotehnologiki binalaryna gözegçilik etmäge giden amerikan-iňlis delegasiýasynyň delegatlarynyň biridi. Yrakdaky ýadro ýaragynyň gözegçiligi üçin 1991-nji ýylda düzülen BMG-nyň ýörite komissiýasynyň (UNSCOM) başlygy wezipesine bellendi. 1998-nji ýyla çenli şol wezipede oturdy. Ol şarbon bioýaragy boýunça ökde hünärmendi…
2003-nji ýyl.
BBC-li žurnalist Endrýu Gilligan iňlis hökümetiniň Yrakdaky köpçülikleýin gyryş ýaraglary baradaky maglumatlary göz-görtele ýoýýandygyny paş etdi.
Žurnalist Gilligan maglumaty «BBC Radio 4 Today» gepleşiginde Kelliniň adyny bermän mälim etdi. Premýer-ministr Toni Bleýr maglumatlaryň çeşmesiniň mikrobiolog Kellidigini anyklady ww Kellini jogapkärçilige çekmek üçin mejlis komitetiniň döredilmegini talap etdi.
«Nobel» baýragyna hödürlenen Kelliniň gezim etmäge çykan Southmoor-daky öýüniň golaýynda Harrowdown depesinde 17-nji iýul güni öz janyna kast edendigi mälim edildi. Jesedini birnäçe sagat geçensoň zordan tapdylar…
Ölüm Angliýany sandyratdy. Angliýanyň premýer-ministri Toni Bleýr Lord Hattonyň ýolbaşçylygynda derňew işini başlatdy. Olaryň mälim eden beýannamalaryna ynansaň-a, Kelli “çep bileğini kesip öz janyna kast edenmiş” we “ölümini «Koproksamol» gerdejiklerini içip hasam çaltlandyranmyş”…
Emma bu görnüşdäki “özüňe kast etme” beýanlary jemgyýetçiligi

o diýen kanagatlandyrmady. Mysal üçin, jesediñ üstünden baran her iki polisiýa işgäriniñ-de Kelliniñ meýdiniñ ýatyş pozisiýasyny aýdyşlary biri-biriniñkiden tapawutlydy! Biri “jeset agaja söýelip goýlan ýagdaýdady” diýdi, beýlekisi bolsa “ýerde ýüzinligine ýatyrdy” diýdi…
Jeset boýunça alnyp barylýan derñew işine bu gezek 2010-2011-nji ýyllarda baş prokuror Dominik Griew seretdi. derñeldi. Ol Kelliniñ öz janyna kast edendigini tassyklaýan güýçli delilleriñ toplanandygyny, şeýle-de bolsa “subutnamalaryñ ýetmiş ýyla çenli gizlin saklanmagynyñ gerekdigini” aýtdy.
Häzir mikrobiolog Kelli hakynda dokumental filmler, çeper kinofilmler surata düşürilýär…




- **Hemmeleri aýaga galdyran kitap**

Iñlis ýazyjysy Aýan Gerni…
1999-njy ýylda “Kassandranyñ weliligi. Armageddon” kitabyny ýazdy. Ol Injildäki yşaratlara salgylanyp, 2023-nji ýylda kyýamatyñ gopjagyny öñe sürdi. Ol muña biologiki urşuñ sebäp boljagyny ýazdy.
Yzyndanam okyjylaryna seslendi: «Maña mikrobiologiýa boýunça näme bilýän zadyñyz, maglumatyñyz bolsa ugradyñ!”
Ýazyja ugradylan maglumatlaryñ arasynda on bir sany mikrobiologiýa jenaýaty bardy!
Mysal üçin… Garward uniwersitetinde işleýän belli mikrobiolog professor Don Kreýg Uili (1944-2001) dynç almak (otpuskasynda) üçin Islandiýa gidipdi. Yzyna gaýdyp gelende birdenkä ýitirim bolýar. Onuñ açary häzirem kontakta öturilip goýlan awtoulagy köprüniñ üstünden tapylýar, özüne bolsa “epilepsiýasy bardy, şonuñ üçin suwa gaçdy” diýildi…

Mysal üçin… Mikrobiolog doktor Dewid Şwars Wirjiniýa ştatynyň Loudoun County şäherindäki öýünde pyçaklanyp öldürüldi. Öýe zor bilen girilendigini tassyklaýan hiç hili yz ýokdy, muňa garamazdan polisiýa ony “Satanistler öldürdi” diýdi. Soňra doktoryň gyzy we gyzynyň gezýän oglany tussag astyna alyndy…
Mysal üçin… Mikrobiologiýa ulgamynda iş alyp barýan Russiýanyň Ylymlar akademiýasynyň agzasy doktor Aleksi Bruşlinskiý Moskwada urlup öldürildi. Şondan iki hepde geçensoň mikrobiologiýa ulgamynda iş alyp barýan rus alymy doktor Wladimir Korsunowyň soňy hem Moskwada şolar ýaly tamamlandy.
Nähili tötänlik… Rus mikrobiolog Wiktor Korsunow Moskwadaky öýüniň golaýynda kellesine urlup öldürildi. Munuň bilenem gutaranok… Sowet raketalaryny biologiki ýaraga öwren mikrobiolog Wladimir Paseçnik London köçeleriniň orra-ortasynda tarpa-taýyn aradan çykdy. «Paraliç (ysmaz) geçirdi» diýlen boldy. Soňra… MRU-nyň (CIA) jansyzlary bilen şarbon boýunça ýaşyryn gepleşik geçirendigi ýüze çykdy…
Iňlis ýazyjysy Aýan Gerniniň eserleri uly çekişmeleriň, gyzgyn jedelleriň döremegine getirdi.
Mysal üçin… Ölüm howply wirus ýokanjy boýunça iş alyp barýan mikrobiolog Robert Lesli Burghoff trotuara bilkastlaýyn çykan miniawtobusuň aşagynda galyp öldi.
Ýene-de: mikroplar boýunça iş alyp barýan Dewid Waýn-Williams hem Kembrižde öýüniň golaýynda gezim edip ýörkä, geçip barýan bir awtoulag kakyp ölmeli boldy…
Sanawy uzatsaň uzadyp oturmaly…
Jedeller bolsa gutararly däl…
Iňlis ýazyjysy Aýan Gerni eýýäm ikinji kitabyny okyjylara hödürledi: “Dowzaha barýan ýol”.
Eýse… Mikrobiologiýa ölümleri tötänlikmikä?
Kimler üçin tötänlik, kimler üçin – däl…

15.05.2020 ý.

Soner ÝALÇYN,
«Sözcü» gazetiniň žurnalisti, ýazyjy.

Terjime eden: Has TÜRKMEN. Geň-taňsy wakalar